# Hupbulwatan – 9 / hekaýalar toplumy

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Hupbulwatan – 9 / hekaýalar toplumy V bap

Gazawat urşundan soň näçe ýaplar gömlüp, nijeme tallar töňňe bolupdy. Şol heýhatly günleriň synalara düşüren ýaralary bitipdi, emma ýüreklere salan ýarasy weli bertik bolup durdy, olar bäri-bärde bitişerli däldi, gaýtam, barha dömýärdi.
Gurbanmämmedem indi iki müçäni tegeläpdi. Ynsan ömri üçin «witjik» diýdirýän şujagaz mütdetde onuň egnine münüp-düşen «ýükler» weli, agyr kerweniň gülebentleriçe bardy.
Gazawat urşunyň il-güni pürreläni-hä pürreläni, ol gelin-gyzlary aglaba ýüzüksiz-bileziksiz, eneleri bukawsyz-tumarsyz, öýleri düşeksiz, agyllary atsyz-düýesiz, örüleri dowarsyz goýupdy. Hudaý daş etsin, sübse bilen süpürilene dönen obalary nätjek? Toprak üstünde olaryň diňe ady galmadymy näme? Iň ýamanam, syrtyny güýçlä dirän han indi türkmenler çala baş galdyraýsa, ýabyny-sakasyny petiklemeg-ä beýlede dursun, gurgun goşun bilen ýalyn çabyradyp gitmegem ram edinip barýardy.
Kakasy Çary baý pahyr aýdypdy-la! Şol mährem keşp ýadyna düşende Gurbanmämmediň tä ömrüniň soňuna çenli bagrynyň ujy çümmüklenen ýaly bolar durar.
– Zalymlygy-ha zalymlygy, bu gelen basybalyjy ýylan etini iýen hilebazam eken, oglum – diýipdi bende. – Görýäňmi, türkmen bilen özbegi öňküdenem beter alagöz etdi goýaýdy. Üns edýän bolsaň, özi gyrada durup, hanyň eli bilen ot gorsaýandyr, sähel göwni bölegiňem peltesine ýag dymdyrýandyr assyryndan. Indem iki oduň arasynda galan halkyň gözünden ganly ýaş akýar, ine, bagryň paralanýan ýeri…
Ýadynda, uludan dem alan atasynyň agzyndan şonda Gurbanmämmet ýalyn çykandyr öýtdi.
– Indi gitdigidir, halky gysan ganly penje gowşamaz – diýip

Çary baý welilik bilen aýdypdy – Gaýtam, gyrgynyň dyrnagy ýaly, barha beter etiňe-süňňüňe çümer. Şol göziganly ýanaralyň Hywada zamunlykda wagtymyz «Ýeňiji hemişe hökmürowandyr, edýäni nädogram bolsa, dogrudyr» diýen ajy sözüni gabra çenli äkiderin. Ol bu ömürde ýatdan çykar ýaly tagma däl-ä, jan ogul! Senem – Ol Gurbanmämmediň ýüzüne seretdi: – Hywa «okuwa» diýlip ugradylaňda bir ýyla ýetmän, «okajak, däl» diýip yzyňa geleňde «Bü nätdigi boldugyka?» diýip agyr görjek bolupdym weli, soň oýlanyp otursam, seňki dürs eken. Indi öňki ýaly ahunyňa, işanyňa känbir pitiwa edilibem, olaryň diýeni bilen ýurt dolandyrybam bolmajagy görnüp dur. Gelen ganym öz düzgünini gözüňe basyp girizip gidip otyr, görýäň-ä. Hany, gurbany gitdigim Mahmyt işan ýaly hem-ä demiň-dogaň toprak ýaryp duran, hemem ganym göreňde hemişe gylyjyň bagjygasy ýazdyrylgy bolsa nä söz?! Şoň üçin-dä? Garrygalada Japargulynyň tumşugy owradylyp, gaýdyp yzyna garamaz ýaly edilensoň, Mahmyt işan Ahala gelende şo ýerdäki garyndaşlaň: «Serdarlygyňyza-da sözümiz ýok, ahunlygyňyza-da, şu illere özüňiz ýaly ulama-kethuda gerek, sözümizi ýykman bärde galyň, il-günüň islegi şu!» diýeni. Akylam jöwher, gylyjam jöwher Mahmyt işanyň: «Türkmeniň agzybirligine, bütewiligine haýrym degýän bolsa, il-günüň towakgasy meň üçin parz» diýip, şo ýerde galyberşiniň aňyrsynda-da kän many ýatyr. Ilim, halkym, Watanym diýip orta çykdyňmy, özüňi gurban bermäge, dogan-garyndaşlygy, ilen-çalanlygy üzülen owsar ýaly hol gyra zyňyp taşlamaga, gerek bolsa hanymanyňdan göz ýumup geçmäge taýyn kişi bolmalysyň. Seň agaňam bolsa şo Hojamyrat baýy edişiňi eşidip, ilki: «Maňa geňeşmän iş gaýrypdyr» diýip iç hümledenem bolsam, sähel salym geçmänkä dogry hasapladym…
Şol wakamy?! Ol ýadyna düşende Gurbanmämmet özünden bidin diş gysanyny duýman galýar. Beýle bihaýalygy diňe şolar ýaly ýeksurunlar oňarar.
«Orslar tä Yzmykşiriň aýagujuna barýança ýer-ýegsan edip, dabany degen ýeri hanaweýrana öwrüp, oba-kende ot berip, soň boldum edipdirler» diýlen gürrüň kiparlaşanda Hojamyrat baý eýýäm obada ýelkildäp ýördi. Bir aýagyny ýagşy ýempäp alýany üçin oňa ýeňsesinden indi «agsak baý» diýýänem bardy.

Wah, Hywa «medrese-okuw» diýip gitmedik bolsa Gurbanmämmet barha beleň alyp, ile ulukjyn açdyrýan baý agasy bilen öňräk bellisini ederdi weli…
Hywa – medresä gitmegem Çary baý ündäpdi.
«Bilimden-sowatdan zelel gören ýokdur, oglum. Biz iller-ä gaty bir molla-işan diýip ýykylyp ýatanam däl weli, şonda-da düregeý dilde biri bir zat okasa aňalyp oturmagam uslyp däl. Medresäni hatym edeňsoňam, Çary baýyň agtygy syýnyny süýräp, sellesini digir ýaly edip ýasdan toýa gatnap ýör» etmejegiňem gözüňden okap otyryn. Ýöne ile-güne kadany-kowahaty ara-çäre edip beribilýän, hanlygyň kada-kanunyndan daş-töweregine ýaltaklaman baş çykarybilýän birem gerek. Şoňa düşün. Üstesine-de, Hywada köşge golaý gezseň dört-bäş ýylda o ýerde nämeler bolup geçýänine magat göz ýetirersiň, geregini alarsyň, gerekmezini zyňarsyň, garaz, aýdylyşy ýaly, gözüň açylar. Iň esasam, «Bilegi güýçli birini, bilimi güýçli müňüni ýykar» edibilseň bolany».
Haýp, Gurbanmämmet atasynyň aýdan mütdetiniň ýarysyndanam öň okuwy taşlap gaýtmaly boldy-da…
Şol ýadyna düşende bolsa, ol ýaňsylydan  ýylgyrar-da, bir «hümm» edip oňaýar.
Şirgazy han medresesi, dogrusy, bilimiň ojagy. Oh-ow, o ýerini Magtymguly şahyryň dabany degeni üçinem togap etmel-ä!
Ýatan ýeri jennet bolmuş Atajyk mollanyň yhlas edip beren dersleri Hywa medresesinde Gurbanmämmede gop beräýdi. Deň-duş talyplaryndan asgyn geljegini bilse, gijelerine şütükli çyrany daňdana çenli öçürmän, düwdek bolup okady, bişirdi, ýat tutdy.
– Şu ýigidiň üşügi, hatdatlygy «tüweleme» diýdiriberjek, sähel öňüni başlasaň yzyny özi alyp gidip barýar. Şu gidişine, ili baglan ahun-ulama bolsa-da bolaýar…
Gurbanmämmet weli bu gürrüňlere pitiwa edip duranokdy. Küýi-köçesi  diňe din ýoluny ilik-düwme etmek, şerigatyň ýoluny, yslamyň kada-kanunlaryny bäş barmagy ýaly bilmek, dini däp-dessurlaryň köküni aňa «sarap» oturmagam däldi. Dogry, bularyň soňuna näçe düşübilseň goluň belent, adyň owazalydy, jedelde-tewsirde özüňe «lepbeý» diýdirmekdi. Ýöne, Gurbanmämmet okuwyň ikinji ýyly Horezminiň taryhy, Hywa hanlygynyň gurluşy-

düzgüni, diwan ýöredilişi, iň esasam, ähli türkmeniň taryhy-asly bilen gyzyklanmaga şeýle bir imrindi weli, käte ony uzyn günläp hüjresinden tapyp bolmaýan gezeklerem seýrek däldi. Häzirem onuň ýaşaýan ýeriniň gapysynyň söýesine arkasyny diräp Dädebaýyň giç öýländen bäri Gurbanmämmediň ýoluna garap otyrşydy. Içi näçe byjyklasa-da, Gün ýaşar uçurlary şäheriň kybla derwezesinden çykyp gitmegi wadalaşan ýylgynlylardan üzülip galjagyna gynansa-da, onuň köňülsöýer dostuny, öz aýdyşy ýaly «molla inisini» görmän gitmejegi çynydy. Onsoňam, öýdäkileriň iberen tamdyr çöregi bilen gowurmasyny, gawun kakydyr birküç bişirlik tüwini elin gowşurman gitse gelşiksiz bor-a! Iň ýamanam, «amanada-hyýanat» edibilmez.

Ahyry köçäniň çüňkünden Gurbanmämmediň bärik öwrülenini görüp, Dädebaý böküp ýerinden galdy.

– Bo-how, okap ýörendir öýtsek, sen o pişäni taşlap, asyl Hywaň köçelerini sanap ýörsüň öýdýän, inibatyr?!

Gurbanmämmet «loh-loh» gülende, onuň sesiniň ýognalanyny aňyp, Dädebaý çalaja ýylgyrdy.

Dostunyň egnine elini goýup, Gurbanmämmet hüjrä tarap ädimledi:

– Meň okap-okap Debiri-kebir ýa Ahl-al-galam bolasym gelenok. Şyh-yslamlygam menden çykmaz.

Içerik aýak atan Dädebaý gözüni tegeledi:

– Bu parsyçylamaňa men düşünen däldirin, mollam?!

Tüňçäni dolduryp, çäýnegi täzeden çaýkap ýören ýerinden Gurbanmämmet jogap gaýtardy:

– «Şyh-yslam» diýildigi patyşalykda, hanlykda diniň-şerigatyň kanunlarynyň dürs berjaý edilişine gözegçilik edýän adam, düşdüňmi?

Dädebaý baş atyşyna sorag berdi:

– Onda o demir-dümüriň näme?

Gurbanmämmet baş ýaýkaýşyna güldi:

«Debiri-kebir» diýsene, ol patyşanyň, hanyň şahsy mürzesi, iş ýöredijisi. «Ahl-al-galam» diýilýänem, köşge ýazylýan arza-şikaýatlary, haýyşnamalary rejeläp, düzedýän, Kurany-şerigaty düşündirip bilýän, garaz, galam ujundan çörek iýýän adam, bildiňmi indi?

Dädebaý ýene sorag gönderdi:
– Hiç haýsam-a ýetip bolsa erbet kär däl eken, ýöne sen bulary islemän, eýse haýsy emele telwas edýäň, mollam,!
– Meň gulam bolasym gelýär, dostum.
– Biz ýaly sähraýa o sözüňem düşündir hany?
Gurbanmämmet demlenen çäýnege ilgezik topulan Dädebaýy dikanlady:
– «Gulam» diýilýäni patyşaň ýa-da hanyň goşunynyň öň sapynda durýan edermen, ugurbiliji, harby işden gowy baş çykarýan adam. Özem – Gurbanmämmediň gözi ýanyp gitdi – gulamlar aglaba oguz türkmenlerinden alnypdyr. Olar köşk goşunynda gullukda bolup, «hajyby-buzury», biziň dilimizde aýdaňda, «uly hajy» adyny göteripdirler. «Kemik» diýilýäni nämekä?» diýip ýörsek, ol-a mongol sözi bolup, Çingiz hanyň hut özüni goraýan şahsy janpena goşuny şeýle atlandyrylypdyr. – Gurbanmämmet hyruç bilen hyrçyny dişledi. – Hä-k, hany bir Görogly ýaly ýa-da Jelaleddin ýaly är döräýse türkmeniň maňlaýyna, şolaryň sapynda gullukda bolubam bir içiňi sowatsaň…
Dädebaý agzyny öweldip oturşyna, käsesindäki sowan çaýy hopurdatdy:
– Aý, sen-ä okumyş bolup gidipsiň eýýäm, mollam! Göni şu ýerden äkidip Gazabada ýa Tagta kazy-kelan goýaýmaly bolupsyň meň çenimçe…
Gurbanmämmet el silkdi:
– Ýak-eý, bujagazlar dagy ylym-taryh, geçmişiň tarykaty diýlen zatda derýanyň damjasy ýalag-a, Dädebaý! Gel, gowusy: «Gury sözden palaw bolmaz» edip oturmaly-da, ikimiz hakyky palaw iýmäniň gamyny eýeli. Meň şu gapdal hüjrämde bir goňşym bar, Ybadulla diýip, bir gowy özbek ýigidi, özem şeýle bir palawa ökde, iýip otyrkaň gulagyňy kesselerem bilmersiň diýilýäni. Dilem süýji, elem, bir süňksüz gowy ýigit özem, üstesine-de, gepiň öýjügi, diňleseň agzyň açylar. Hany, şonam alaly-da, agşam şamynyň ugruna çykaly!
Gamak ýaly ýeňil gopýan, başy sekizburç ala tahýaly, dykyz göwreli, garaýagyzdan ýalpak ýüz Ybadulla palawy häki bir damakdan geçýän nahar üçin däl-de, hut ussatlygyň nusgasyny görkezmek üçin taýýarlaýan ýalydy. Käşir dogramagam, öz aýdyşy

ýaly bazara ýüwrüp gidip ýagly et getirmegem, tüwiniň her dänesini diýen ýaly elden geçirip, künji ýagda bygyrdaýan ete siňen käşiriniň-soganynyň ysy janyňy alyp barýan gazana atmagam, suwy çekilýänçä bir çäýnek çaýy öňüne çekip, şowhunly gürrüň tapyp oturşyna, ojagyň aşagyna gerekli odun-çöpüni oklap, keýp bilen naharyň bygyrdysyna gulak gerşem, edil tüwüsini agdaran mahaly: «Suwly sogan palawyň ýany bilen noş bolaýar» diýip, göni agza ataýar ýaly edipjik kerçäp-dograp ýörşündenem özi şeýle bir lezzet alýardy weli, kesesinden Dädebaý hezil etdi. Ýapyşan işine-de eli gelşip, keýpiňi tutdurýardy.

Ysy kiçijik hüjräniň içine derhal ýaýran palaw şeýle bir tagamlydy weli, hywanyň içi çukur daş badyýasynyň töweregine egrilen ýigitler, onuň derrew düýbündäki ýaga ýetdiler. Soňam gürrüňçilige tutdular.

Aglaba Dädebaý diňleýji boldy, özem, köplenç: «Bä-ä, şeýlemi-aýt?!» diýip gaýtalady oturdy. Söhbet hemmäň «wawwaly» Ýerine syrygdy.

— Özbegiň ýagdaýam türkmeniňkiden egbar bolmasa, gowy däl — diýip, Ybadulla gypynç etmän gepledi. — Hanyň permany onuň hökümininiň ýetýän ýerine deň ýaýraýar. Iň bärkisi, salgyt-zekaty alyp göräý! Gurbanmämmet, hasaplap gördüg-ä ikimiz birküç günlükde?! Yzarlap otursaň, tüýs «Ýagyr eşege ýük» diýleni, sanap aňyrsyna çykar ýaly däl.

Köşkden çykýan talap boýunça ýigrimi dört dürli salgyt töläýmeli garamaýak halk. Diňe ýaňy dogan çagaň üçin bolaýmasa, «baş salgydy»,«öý salgydy», «ýer salgydy», «hasyl salgydy», «mal salgydy»…, garaz, gidip otyr tä egniňdäki jindäň sypyrylýança, özem göre girýänçäň sypmak ýok şo belalardan…

Ýaplanyp çaý içip ýatan Dädebaý gobsunjyrady:

— Nätdiň-aýt? Ýene türkmenleriňki elhal-ow onda! Onça salgyt diýip oba-oba aýlanyp ýören kesimçi-hä ýok entek.

Gurbanmämmet jogaby nagt etdi.

— Han türkmenleri, esasan, goşunda, ýagny atlyk saklaýany üçin salgydy azaldýar.

Ybadulla janykdy:

– Gazy-haşaram ýok şoň üçin sizde. O zulmatam özbegiň, galpagyň, gazagyň, nogaýyň gerdeninde.
Dädebaý güldi:
– Şoň üçin bizde: «Laýa bulaşandan, gana bulaş» diýilýä-dä, Ybadulla.
Gurbanmämmet oýlanyşykly gürledi:
– Indi weli, salgydy han öz demi ýöreýän ýere deň salaýsa gerek.
– O nämüçin?
Dädebaýyň soragynyň jogabyny Ybadulla öňürtdi:
– Han indi orsa syrtyna direýär. Öň, näm bolsa-da, türkmenlerden çekinýärdi, iň esasam, goşun tükel diýen ýaly türkmenlerden bolany üçin, olar köp salgytdan azatdy. Indi bolsa goşunam olaryň eline geçdi diýen ýaly. Şoň üçinem….
Gurbanmämmet käsesindäki sowan çaýy teşnaba tarap serpip goýberdi:
– Şonda-da köşgüň içindäki emeldaryň sany köpelse köpelýä weli, azalyberenok.
Ybadulla barmak büküp ugrady:
– Ony men sanap bereýin: Han diýeniň-ä köşgüň eýesi, dogrumy?! Dort sany ynagyň ikisi bolsa hökümdaryň iň ýakyn garyndaşlaryndan, beýleki ikisem şolar bilen bir taýpadan bolmaly. Başky iki ynagyň biri hökman Hazarasy welaýatyny dolandyrmaly. Soň nakib, düşnükli aýdanda, köşgüň dini diregi bar. Ol hökman seýitlerden, başgaça aýdanda pygamber jelinden bolmaly. Onuň derejesi din dünýäsindäki şyhuslam bilen deň. Ondan aşak düşüberseň bu bar.
Dädebaý oturup bilmedi.
– Beg diýsene…
Ybadulla barmak çommaltdy:
– Ýa-a-ak, garyndaş , buny beg bilen garyşdyrmaly däl. Söweş wagty hanyň hökman sag eli tarapda bolýan adama «bu» diýilýär, ýadyňda sakla! Beg üstündenem bararys, gyssanma azajyk, atalyk gidýä soň. Olam emeldarlygyň bir görnüşi bolup, sanyny hanyň özi kesgitleýär. Guşbegi gelýä ondan soň. Olam emeldarlygyň bir görnüşi, mäter bar onsoň. Ol hemişe sartlardan, anyk aýdanda, Hywanyň gadymy pars ilatyndan saýlanyp, hanlykda

düzgün-tertibe serenjam berýär…
Dädebaý dodagyny müňküldedip, käte: «wä-ä şeýlemi!» diýip oturşyna, käsesine el ýetirmegem unudyp, içini gepledýärdi: «Gör-ä, bulary! «Bir-ä okana bar, birem dokana» diýleni tüýs şu bolmaly! Geplejek gepleri agzyna gelip dur. Aýdyp oturan adamlaryny özleri oturdyp giden ýaly. Okuw-bilim diýlen zadyň jadysy güýçli, köki çuň-ow! Äý, Gurbanmämmedem ýüňüni ýetiriberipdir, indi görýäňmi, öňki oba oglany däl bu».
Ybadulla bolsa dowam edip gidip otyrdy:
— Atalyk bar hanlykda, bilýänsiňiz-le?! Olam geňeşdarlaryň bir görnüşi bolup, olaryň sanyny hanyň özi kesgitleýär. Güşbegem şeýle. Iki ýasawulbaşy bar. Olar hanyň huzuryna arza-şikaýata gelenleri getirýärler. Seredip otursaň-a, olaňky mürzeleriň bir görnüşi bolan diwan hem hasapçy ikisiniňkä meňzeşräk…
Gurbanmämmet Ybadullanyň çaý owurtlanyndan peýdalanyp, degişmeli gep urdy:
— Bize-de gezek ber, gardaş! Yzyny men sanap beräýeýin. Soň hanlykda iki märem gidýär, dogrumy? Olaram köşgüň uly emel ynanylan adamlary. Hana-da, onuň diwanyna-da olaryň täsiri hemişe ýetik. Soň gidiberýär müňbaşy diýip, ýüzbaşy diýip, onbaşy diýip, golastyndaky atlylaryň sanyna görä. Şu sanalanlar hanyň emri bilen bellenip, «emel ýeten men!» diýenlere ýer-suw bölünip berýär, salgytdanam azat. Sen ýaňy «nakyb» diýdiň-ä Ybadulla, ana, şol nakybyň baştutanlygynda kazy-kelanyň ýurt abat wagty, han ýörişde wagty ýanynda bolup dawaly-jedelli meseläni, günäli-günäsizi seljerip, jeza berip, jezadan boşadyp bilýäninem aýdaly Dädebaýa, belki, birwagt kazy-kelanlyk işi çyksa kürtdirip durmasyn! Soň müfti bar…
Dädebaý el silkdi:
— Ylaýym, şolaryň ýanyna bir barmaly bolmaly!
— Hawa, şolaryň gapysyna maňlaý diretmesin hernä.
Ybadulla ýerinden turdy:
— Wagtam ýarygijä baryberipdir, indi ýatmaşak edeliň. Men-ä gitdim, sag ýatyp, aman turuň. Erte galsaň-a, Dädebaý, menem myhmanlaýyn, ýa-da gowusy biziň öýmüze gidibereliň, erte öýleden soň, aýagymyza bat bersek iki sagatda ýetýäs.
Dädebaý onuň elini gysdy:

– Taňryýalkasyn, «Bir gören tanyş, iki gören garyndaş» diýipdirler dogan. Enşalla, nesibe tartsa, ýene-de gabatlaşarys, duz-emek bolarys. Men irden şähere aýlaň-çaýlaň edäge-de, guşlugyň yzýany ýöremekçi.
Wagt geçer. Olaryň hersi Jüneýit hanyň goşunynda ýüzbaşy wezipelerini eýelär. Agyr synaglar olary doganlyk derejesine ýetirer. Şu wagt weli, olaryň ikisem durmuş-takdyr öwrümleriniň beýle oýunlary etjekdiginden bihabardylar. Ýatyljak wagtam hüjräniň hümür-sümüri esli wagtlap kesilmedi.
– Dädebaý, sen indi şeýdip geziberjekmi, öýlenjek dälmi?
Dädebaýyň agyr haşşyldysy kiçijik hüjräniň howasyny böwsüp giden ýaly boldy.
– Mollam, men indi öýlenmen, Gülnäz oldi, meň gyz-gelne bolan ähli mährim-hyrujymam şoň bilen gitdi.
– Öleniň yzynda ölüp bolmaýanyna bilýäň?! Oň üçin çeken hasratyň birçene ýetensoň, müjerret gezmezligiň pikiri edilse kem dälmikä diýýän men-ä?!
– Seňkem bir hasap, ýöne Gülnäzi hiç unupdy bilemok, göwnüme şo bende hemişe ýanymda gezip ýören ýaly. Onsoň, alaga-da başga birine öýlenip goýberseň şoňa dönüklik bolaýjak ýaly. Meňem ömrümde ýigrendigim dönüklik. Ýogsam, ýüzi ak bolmuş Çary baýam her gezek duşanda: «Beýdip egniňi gysyp ýörme, kimi belleýän bolsaň barmak çömmalt, sen ýaly mert üçin özüm baraýyn kakaň Dowly paňy öňüme salyp, galyň-haladyňyzyňam bir ujunda özüm duraryn» diýýädi. Ýöne, birhili, ýüregim ölen ýaly şo meselede…
Gurbanmämmet ýaraly ýüregi mundan artyk duzlamazlyk üçin, gürrüňi sowdy:
– Hojamyrat baý öň işleň başynda bu günler?
Dädebaý güýz ýeliniň darajyk köçede turuzýan sykylygyna diň salyp ýatyşyna, göwünli-göwünsiz jogap gaýtardy:
– Ukyň öň ýanynda bir biderek adamyň adyny agzap, gijesi bilen basyrganyp çykýan etdiň-ow bizi. Näme eder öýdýäň, guduz açýa deýýus. Bar küýi-küçesi hannaslyk edip teňňesini köpeltmek, emel ýetse ili aglatmak, özünden egnipese zulum etmek.
– Hany, obaň kethudasy, miraby, işan-mollasy gyrlypmy, o zeýillä «edýäniň telek» diýer ýaly, gerek bolsa, tumşugyna

kakar ýaly.
— Agasam bolsa seň dädeň Hojabaý bilen-ä şol jetligi oň, gözünde oky bolsa urjak, ýöne yza tesjek däl. Atаň Çary baý pahyrdan-a az-maz teşwiş tapmanam duranokdy weli, o bende ýögalansoň-a halys «şahym depämde» edene döndi şo Hojamyrat guduz-a.
Gurbanmämmet gaharynyň gelenini aňdyrmajak bolup ýorganyny ýüzüne çekdi:
— Hany onda, ýer diňläli birsellem, Dädebaý.
Ertesi säher çaýyndan soň olar hoşlaşdylar. Dädebaý: «Bazara aýlanyp, soňam gündogar kerwensaraýdaky tanyş-bilişler bilen ýola düşjek» diýdi. Gurbanmämmedem şo günki derslerden soň, kitaphana barmagy niýetläp, medresä howlukdy.
Ol taryhy-geçmişi öwrenmegiň kül-külüne düşüpdi. Hä-k, köşk kitaphanasyny darak edäýseň? Nädersiň, geň dünýäň derwezesinden girene dönäýseň?!
Diňe Köneürgenjiň taryhy, Jelaleddin soltanyň gaýduwsyzlygy, onuň atasy Muhammet şanyň bigaýratlygy hakdaky taryhyň özi nämä degmeýär?! Nejmeddin Kubrany ýatlanda Gurbanmämmet «tagzym» diýen manyda elini çep gursagyna ýetirenini duýman galdy.
Ahmet Ibn Omar Abduljennap Nejmeddin al-Kubra al Hywaky al Horezmi! Ady-lakamy aýdyp dur-a gurbany gitdigimiň nirede dogup-döräp, nirede ýaşap ötenini!
…Gurbanmämmet ýaňy-ýakynda köne kitaplaryň birinde: «Ürgenç diňe Gündogaryň däl, eýsem yklymyň parlak ýyldyzlarynyň biridir» diýlen setirleri okanyny ýatlanda, egni bir gez galyp gitdi. Üç ýüz altmyş pirli Könürgenç toprag-a ol!
Ine, yslam dünýäsinde öçmez yz goýan Nejmeddin Kubra şu ýerde dünýä inen. Belki, özüne aýan bolandyr-da, geljekde uly pir, diniň öçmez şuglasy boljakdygy üçindir, ol ýaşlyk ýyllaryny Müsürde geçirip, aýdylyşy ýaly «başyny büräp» okaýar. Bagtyna-da belli şyh Ruzbyhan al-Bazzan Misriniň elinde tälim alýar. Ýaňy möngözlükden saýlanan Ahmediň düşbüligi, ýatkeşligi, zehinliligi halypasyny haýran edýär. Ýaş oglanyň musulman din-ygtykatlaryna bolan telwasy diýjekmi, yslamyň düýp-teýkaryna düşünmäge bilesigelijiligi diýjekmi, «oka!» diýseň ukyny

unudyp, iýmegi ýatdan çykaryp, ýapyşyp ýatyşy diýjekmi, garaz, halypa şägirtden oňanyny aňýar. Ýiti zehiniň çyrpynyp duran akyl bilen utgaşyp gidýändigine magat göz ýetiren al-Misri müridine gyzyny bagyş edýär, ony giýewlige mynasyp görýär.
Ahmet Müsürde birnäçe ýyl ýaşansoň, Töwrize gaýdýar. Ylma teşne bolansoň Baba Pereçden, şyh Ysmaýyl Kasdydan, beýleki meşhur ulamalardan bilmeýänini öwrenip, ylym käsesiniň üstüni ýetirýär. Şerigaty, tarykaty, hakykaty düýbüne düşüp, ilik-düwme edýär. Piriň at-owazasy çar ýana çawup gidýär. Oňa «Şyh welli-taraş» diýen hormatly ady dakýarlar. Munuň özi «Welileri ýetişdirýän» diýmegi aňladýar. Yzýanam «Nejmeddin» adyna mynasyp görýärler. «Nejm» – bu «ýyldyz» diýmek ahyry, şeýdip Nejmeddin din ýyldyzyna öwrülýär.
«Müsürde şa bolandan, öz ýurduňda geda bol» diýleni-dä! Könürgenje gaýdyp gelýär. Wagt ýitirmänem hanyka – din ulamalarynyň, derwüşleriň, pirleriň, müritleriň ýygnanyşýan jaýyny açýar. Döreden ylym ojagynda müritleriň mürşitlere ders-sapak bermeklerini ýola goýýar. Onuň açan hanakasyna «men musulman» diýilýän ýeriň ählisinden okamaga gelipdirler. Şyh Mejeddin Bagdady, Baba Kemal Hujandy, Şyh Nejmeddin Razy, Saadatdin Hamawy, Seýtedin Seýit al-Baharly… bular entegem kän.
Şular üçin Kubra älemi baglan pirler tarapyndan üç sany lakam rowa görülýär: «Şyh-Kebir» – ýagny «Beýik Şyh», «Şir Kebir», bu bolsa «Allanyň şiri» diýmek, soňam «Kutbul-aktan» – pirleriň piri». Gudratly pir hakynda Hywanyň ozalky hökümdary, Köneürgençli taryhçy Abdulgazy Arapmuhammet ogly Bahadyr hanyň «Şejereýi terekime» – türkmenleriň nesil daragty» kitabynda ýazan zatlaryny göräýseň dagy…
…Muhammet şanyň häkimliginiň ýykylmagynyň sebäbi şundan ybaratdy. Muhammet şa gije lül-gammar bolup otyrka, şyh Mejeddin Bagdadyny öldürmegi jellatlaryna buýurdy. Ol Bagdady öz ejesi bilen ham-çamlyk edýändir öýdüp gümändady. Muhammetşa ertesi irden turup, kellesi dumanlyka iňňän hata iş edendigini bildi. Ýöne giçdi. Derrew altyn çanak, gymmatbahaly daşlardan sowgat salyp, olary derhal Kubra ugratmagy, piriň gowy görýän şägirdiniň ölümi üçin özüne lagnat edilmezligini, gaýtam,

günäsiniň geçilmegini dilemegi towakga etdi.
–Altyn-kümüş, lagl-merjen bilen onuň hununy töläp, aňyrsyna çykyp bilmersiň. Onuň kesilen kellesi meniň kelläm, müňlerçe adamyň kellesi – diýip, pir jogap beripdir.
Gudratly piriň Çingiz hanyň gözüne görkezen gudratyna näme diýip, näme aýdarsyňyz?!
…Öňi-ardy görünmeýän ýagynyň Horezme golaýlanyny oraşan aňan Nejmeddin şäheri duşman görmez ýaly dumana büreýär. Ürgenji alkymlap: «Ertir şähere çozup gireris» diýip gelýän mongollar irden turup, aňk-taňk bolýarlar. Şäherden nam-nyşan ýok diýýä. Diňe guşlaryň jürküldisi, adamlaryň sesleri çalaja eşidilýär. Horezm diňe horezmlileriň özlerine görünýärdi. Munuň özi Nejmeddiniň duşmana görkezen gudratydy.
Muhammet şa hazyna baryny ýükläp: «Diňe öz başymy gutarsam bolýa» diýip gaçmaga hyýallanýar. Emma oňa şyh Kubranyň derwezäniň üstünde oturandygyny aýdýarlar. Gorkudan ýaňa injigi titräp, ýüregi ýarylyp barýan şa oňa derwezäniň üstünden düşmegi buýurýar. Ýasawul hökümdaryň habaryny pire ýetirýär. Pir emaý bilen derwezeden düşýär. Şol mahalam Horezmi büräp duran duman aýrylýar.
Şäheri ynha-häzir basyp aljak bolup duran mongol şazada-serkerdesi Hulaga owazasy älem baglan Nejmeddinden neneňsi hikmetleriň ýetýänini münejüm-gurrandazlarynyň palyndan bilip, jansyzu-şugulçylaryndan eşidip, oňa şäheri terk edip gitmäge rugsat berýär. Şyh bu habar bilen gelen duşman jansyzyna yzyna baranda şeýle jogap ýetirmegi zynharlaýar. «Şu ilat bilen ykbalyň eçilen ähli süýji-ajy günlerini paýlaşyp, ýetmiş ýyl ýaşadym. Indem başa iş düşen güni bulary taşlap gitmek adamçylyga sygmaz».
Çapar ýene gelýär: «Saňa maşgalaň, dogan-garyndaşyň bilen çykyp gitmäge ejaza. Sizi at toýnagynyň astyna dözemizok. Isleseň, bize gelip goşul, gözümiziň üstünden ýer bereli!». Pir: «Ýanymda şägirtlerimem, ilen-çalanlarymam bar» diýip jogap gaýtarýar. Çapar bu gezek: «Isleseň onlarça, ýüzlerçe adam bolup gidiber, zowal bolmaz» diýen habary getirýär. Pir: «Ýüzlerçe däl, müňlerçe bolup gitmelem bolsa, gitjek däl. Men şu iliň öli ýerinde öli, diri ýerinde diri» diýip, iň soňky

jogabyny berýär.
Şäheri eýelän mongollar wepat bolanlaryň içinden näçe gözleselerem, piri tapmaýarlar. Şyhlaryň şyhy, keramatlylaryň täji-nusgasy Nejmeddin Kubra Watany gorap, är ýaly söweşýär. Ýöne, göbek gany daman Köneürgenjiň gyrgynçylygyndan ýaňa göz görer ýaly bolmany, adam läşlerinden ýaňa aýak basara ýer galmany üçin iň soňky deminde – göwreden kelläni duşmanyň gara gylyjy kesende ol gözden gaýyp gidipdir…
Gurbanmämmet kitaphanadan göwne çöken gubary hem damarynda Jelaleddin serdaryňky ýaly türkmen ganynyň bardygyna buýsanjy göterip gaýtdy.
Wa-ah, gurbany gitdigim Nejmeddin Kubranyň syýnyna bir maňlaý degrip bolsa bolmaýamy?! Ýa-da bir gudrat bilen, Çingiz hanyň syrtyny saňňyldadyp, ýüregine wehim guýan Jelaleddin serdar direlaýsedi! Şoň dembermez almaz gylyjynyň bagjygasyny birje gezek elläp göräýseň!
Eý-ho, bu toprak gözýaş bilen suwarylyp, gan bilen ýuwlan-a görüp otursaň!
– Ne beýle düşegiň ýumşady, jan aşna?! Ýör, men seň ýoluňa gözläp otyryn häliden bäri. Gün eňegini ýere bermänkä apamyň mäşgarmasyna ýeteli. Näme, unudaýdyňmy, geçen gezek: «Juma güni geliň!» diýip sargap-sargap goýmerenini?!
Ybadullanyň janykmasy Gurbanmämmedi tijedi. Hywanyň guşluk-gündogaryndaky Üçaryk obasyndaky öý onuň üçin ýat däldi. Medresä gelip ümi alşan, derrewem dost-aşna bolşan Ybadulla hem her aýda birki gezek Gurbanmämmedi öýlerine äkitmese ynjalmazdy. Gür baga bürenip oturan howly olary her gezek mähir-yhlas bilen garşylar: «Indi haçan geljeksiňiz?» diýip ugradýardy. Mädýar ekäniň gürrüňçiligini aýtsana sen! Ötenden-geçenden şeýlebir süýjüdip aýdyp ugrar weli, eger-eger ýanyndan gozganasyň gelmez. Ybadulla her gezek öýlerine ýetip barýarka: «Ekem diňe ikigulak pili bilen kätmeni bilýämikä diýýäs weli, şu walla, ýer depip ýörkä gözi bilen gumuň aşagyna siňen gep-gürrüňleri görüp, gulagy bilenem asmana uçan owaz-namalary çöpläp gezýän bolmaly. Özem seň ýaly diňleýji tapsa «horjunyny» açaýa-how!» diýip gülüp ugrar Aýpaşşanyň mähremligi dilinden beterem, eliniň süýjüligi Gurbanmämmedi bu

ojaga hasam imrindirýärdi. Dogry, ol gara garny diýip ýykylyp ýatan däldi. Oňarsa, az gepläp, köp diňlemäni, az iýip, kän gezmäni halardy. Ýöne, Aýpaşşa apanyň nahary-tagamy tüýs «Iýip doýup bolmaýar» diýilýänidi. Özem şeýle bir sünnäläp, şeýle bir tämizläp eder weli, garnyňdan öň gözüň doýar. Sogan ardanda ýa käşir dogranda dagy edil keşde gaýaýan ýalydyr, barmak barmaga degmez.

Mädýar eke-de hergiz özi miwe ýygmaz, ellerine gap berip. «Baryň, özüňiz halan miweleriňizden alyberiň, ýöne şuny dolduryp geliň, ýaş ýigit näçe miwäni kop iýse, şonça gany köpeler, güýji artar» diýer. Şol miwelerden Aýpaşşa apanyň ediberýän kak-kişdeleriniň tagamy weli bir dadanyň agzyndan gitmez.

Garaz, günemasyny gara zähmetden dolaýan, eli uzadan ýerine ýetmese-de, güni elki-telkisiz aýlanýan bu ojaga barmak Gurbanmämmet üçin hezillikdi.

Ynha, bu gezegem öý eýeleri haýdaşyp gelen ýigitleri dört tanap howlynyň daşky derwezesinde garşyladylar. Ýuwnup-ardynýançalaram saçak taýyn boldy.

— Bu gezegem edähedi bozmaň, baryň miwe ýygyp geliň!

— Atalary, balalar ýozulyp-ýortup gelendirler-ä, senem olar bokurdagyny öllemänkä iş buýurýaň, özüňiz…

Mädýar eke güldi:

— Şu ýaşda ýadasalar, meniň ýaşyma ýetende näder bular? Ýaşlygyň bar keýpi ylgamakda, ýortmakda bolar bular üçin häzir, baryň!

Bag tüýs «jennetiň bir künji şu ýerdir» diýdirýärdi. Güýzüň başyna baly melhem bolan saralylar, bir ýaňagy gyzyl öwsüp ugran almalar, sarymtyl-mämişi reňkli garalylar, hersi aýaňy dolduryp dyran, dişläňde «Nabatda bişdimikä?» diýdirýän şetdalylar, süýrümtikden sarylanç, bir gapdaly hurmaýy gyzyl, tüýs kentlewük bilen gysyp bokurdakdan ötüribermeli armytlar… garaz, adyny tutan miwäň bardygy Gurbanmämmediň hoşuna gelýärdi. Üstesine-de, injikden ýogynrak dereklerden baldyrça dikilip, gara sowüduň hadasy bilenem dalbar edilen giden üzümligiň miwesinden başga, adama berýän lezzetini näme bilen ölçärsiň?! Horeziminde däl, Buharada, Balhda, Dörtgülde

Şymbaýda bitýän üzümlerem şu ýerde tapyp bolýar. Gelinbarmak gerekmi, hersi başam barmak ýogynlykdaky gara-gyrmyzy görünýän manty diýjekmi, däneli-u-bidäne  ak üzüm küýseýäňmi, bary bardyr.
«Gije-gündiziň üç bölegini zähmet bilen geçirseň şuň ýaly zady döredip bolýar, azabyndan soňky rysgaly bilen sogaby baý süýji bolýar-a» diýer Mädýar eke-de. Hakynatutma batrak bolup işleýän iki adam öz garyndaşlary. Hojaýyndanam hak-heşdeklerindenem göwünleri hoş bolansoň, olar ýer dyrmap, düňküldeşip ýörler.
– Şu han keşimçilerinden ýetýän zowal kemelse, ýygyp eşeklikden dynjak bizem. Indi «goşun salgydy» diýibem bir zat tapypdyrlar öňki tükenmez «ber-ä-beriň» üstesine…
–O nähili salgyt? Biz-ä Hywada bolsagam eşidemzok-la ony – diýip,  aňyrsy görnüp duran nan bilen üzüm iýip oturan Ybadulla atasynyň sözüni böldi.
– Eşitseňiz-eşitmeseňizem şeýle şo! Nämemiş, hanlygyň çägindäki paşşa goşunlaryny eklemek üçinmiş şo salgyt.
– O goşunyň halky gyran-jyrana salyp, bihuda döken gany, ot beren oba-gyşlagy üçin özünden hun almaň deregine, ýene olaryň agzyna lukma ýygnaýarlar diýsene Mädýar eke?!
Gurbanmämmediň gussa garyp aýdan sözüni makullap ýetişmänkä, äriniň gepine Aýpaşşa apa pessaý gep goşdy:
– Atalary diýýän-ä, gel gowusy, oglanlary gep bilen doýrup oturmaň-da, olara ýazylyp-ýaýrap iýip-içmäge maý beriň, bolýamy? Içiňizi maňa döküň soň, «hä-howasyny» ýagşylap ýetirip bereýin.
Mädýar eke uludan güldi!
– Aldyň, enesi, bar tijäber owkadyňy.
– Owkat taýyn, siz gürrüňi azaltsaňyz, tabagy getirjek.
Orta erňekleri içine tarap edilip ýasalan, ýagdan, nahardan doýansoň garamtyl-goňur öwüsýän agaçtabak geldi. Onuň çukurrak düýbünden agzyna çenli guýlan , goýnuň ýagly gapyrgasyna bişen mäşgarma bugaryp, işdä damarjygy yzarlaýardy.
Nahardan soň Mädýar eke daşy torsuz görünýän garrygyz gawuny kesdi. Ýene gürrüň gyzyşdy. Näçe ýaşany belli däl, ýöne iki adamyň gujagy zordan ýetjek äpet güjümiň aşagynyň howasy

hoştabam bolsa, gep-gürrüňiň hörpi agyrdy.
– Türkmeni özbege, özbegi türkmene garşy goýýanlaryň ýüzüne köz degsin! – diýip, Mädýar eke eşrepi deýin şirrildedip käsäniň düýbüni zordan ýapar ýaly edip guýan çaýyny owurtlady. – Dini bar, dili bir millet-ä ikisem. Onsoň, alagöz bolmak nämäň alnyndan?! Beýtmek diňe hökmigüýçlülere gerek, garyp-gasara, öz güni, öz söwdasy bilen bolup ýörenlere asyl gerek däl. Düýn, ynha, biziň obaň nekimi Rozmet gyzyl agzyny asmana tutup: «Eý, şü türkmenlerden ýaňa bize gün ýok, Baýmantakyrdan gelýan kiçi kerweni talapdyrlar, birküç atly ölümiň öýünde zordan gaçyp gutulypdyr. Bu gözi gyzaranlar meslikden edýä muny» diýip, çarpaýa galyp gidip otyr agzyny köpürjikledip. Soň, şol kerwenden aman sypanlaryň aýtmagyna görä, Baýmantakyrdaky gazaklardan salgyt ýygnap gelişlerine, Garaporsaň diýilýän ýerde bölek oturan çarwa obasynyň üstünden gelipdirler. Allanäme, hezzet-hormatam edilipdir. Ýöne, iki aýaklylar «Eşek hezzet bilmez» etse nätjek?! «Han kesimçisi men» diýip pökürdäp oturan adam: «Sizem bizi boş goýbermäň, kyrk goýundan bir goýun sanaň ýa-da deregine teňňe-apbasy bilen töläň» diýip dyzap ugran. Ozalam han zulmundan ýaňa ýeňsesi gatap duran türkmenlerem: «Ine, saňa goýun, teňňe, ozalky berenimiz azmy size?!» diýäge-de, ýaňkylary güpbasdy edäýýäler. Hany, oturyp oýlanyň özüňiz, kim günäli bärde?! Dek oturana depirjemek, ýatan ýylanyň guýrugyny basmak bir zadyň üstünden elter gerek? Dogrumy? Onsoň, ýaňky bir ile häkim diýlip bellenen Rozmet gyzyl ýalylar «suwuny kesmeli», «edeni üçin üstüne goşun sürmeli» diýip gowur turzup ugraýarlar weli, zulmatyň zory garyp-gasara, ganly darkaşyň şöhraty-şanam şoň ýaly gurrumsaklaň paýyna düşüberýär.
– Garaz, şeýdip petine gar ýagdyryp gidip otyrlar-da garamaýagyň, Mädýar eke?! – diýip, Gurbanmämmedem uludan dem aldy. – Hanlykda deňligi düzetmeli, emel ýeteniň kada-kanuny berjaý etmegini, öz çygryndan çykmazlygyny ýola goýmaly, ana, şonda goýun bilen gurt bir nowadan suw içer.
Gurbanmämmediň saldamlydan manyly gepini diňläp oturşyna Mädýar eke: «Tüweleme, «Akyl ýaşda bolmaz, başda bolar» diýleni-dä şu! Ölçerip-döküşi, biçip-tikişi ýüregiňe jüňk

bolup barýar» diýip içini gepletdi.
– Wah, jan balam, şeýdilmänsoň dämi juwaza goşulan mal ýaly niräk ýörejegimizi bilmän ýörşümiz?! – diýip, ol ýene iç döküp ugrady. – Birem, ýaňky ýanyp aýdyşym ýaly, salgyt belasy ýaman. Bar, köşk üçin, öňden düzgün edilen paç-hyraç üçin töledik diýeli, ýöne muň ýönekeý ýasawulyndan başlap, tä köşgüň müridini gemrip oturan diwanbegine çenli hemmesi garamaýagyň maňlaý derinden önýän salgytdan-zekatdan tamakin, oňarsa ýonjak, edibilse artyk aljak. Ana, şeýdibem garybyň, daban azabyndan ekleýäniň gözýaşy, nalasy artyberýär…
Gürrüňe Ybadulla-da goşuldy:
– Hälki kişem: «Şu nakypdanam bizar bolduk, ädigini şarkyldadyp» diýip bir zat syzdyrjak boldy diýdim-le.
Mädýar eke päkiniň aşagyndan çykan togalak kellesini gapdaldaky ýaglyk bilen süpürende, derlän giň maňlaýy hasam ýalpyldady.
– Oň sebäbi şeýle, balalam. Nämemiş, meň bagym şu ýyl üýtgeşik hasyl getirenmiş. Şoň üçinem meň şundan görjek girdejim artykmyş. Şeýle bolansoňam, «hasyl salgydy» diýilýäni men artyk tölemelimişim. Bilýän men, o nebsini eşek edip münen gyzyl ýüz Rozmet nakyb öz jübüsiniň aladasynda hölküldeýä, orsuň beren jarkyldawuk ädigini aýagyna sokup. Hamana, şo gara ädigiň sesi bilen garyp-gasaryň howuny basaýjak ýaly. Menem diýdim: «Irbahar sowuk urup iki ýyl mundan öň ähli miweden diýen ýaly el ýuwdum, şonda «Me öwezine kömek» diýib-ä gelmediň, ýa mundan dört ýyl ozal owsul degip gapymdaky malym gyryldy, şonda-da «Bilmen, öňki sany boýunça töle» diýip dyzadyňyz durduňyz, «Beýle bolsa gidibereli, gazyga daňlansoň geläýeris» diýmän. Şol wagtam sen nakybydyň şu obaň. Indi, şu agajyň şahasynyň agralany derrew gözüňe iläýdimi? Her anna namazy güni metjide eltip durun şu miweden, obaň maýyp-müjrübini doýurýan, doýurjagam şahasy sabaýança, ýöne şu bagyň miwelerinden «bol bitdi» diýip saňa artyk salgyt berjeg-ä däl» diýsem, «Görübereris onda!» diýip ýeňsesini tüňňerdip gitdi.
– Ata, ertir irden men baryp şonuň bilen egri oturyp, dogry gürrüň edişäýsem näder?! Kada-kanuny, hanlykdaky düzgüni bizem şonça bilýäs. Ýüzüne basyp…

Mädýar eke Ybadullanyň dyzyna basdy:
– Goýup otur, balam. Ataň ölenok heniz, şu öýüň hojaýyny menmi häzir, ras, özüm çykyşaryn. Ata dirikä ogly, ene dirikä gyzy orta özüni zyňyberse, aýyp bor.
Ýaşulynyň soňky jümlesi Gurbanmämmediň ýüregine jüňk boldy. Ynha, öýüň iň körpesi Ybadulladan uly üç gyzyň üçüsem aýratyn ojak bolup ýaşap ýörler, Aýapaşşa apaň aýtmagyna görä. Bir gezek ortanjy giýewleri gelip: «Ýetirinibem bilemizok, sizem mülküňizde işletmäge başga adamlary alýaňyz, gowusy meni alyň!» diýende, şu oturan Mädýar eke oňa: «Seni alsam, üç ýerde hyrçymy dişlemeli bolaryn. Birinjiden-ä, artygrak iş buýrubersem: «Körekeni bolsamam sylanok, gaýtam egsik tutýar» diýip, iç hümledersiň, onsoň men ýa ýüzüňden okaryn, ýa pilkätmen işledişiňden aňaryn. Ikinjidenem, saňa az, gapdaldaka kop buýursamam ýatdan gelip hakyna işläp ýören beýleki daýhanlar: «Görýäňmi, giýewsi bolansoň ony ileri, biri gaýra tutýar» diýip kine eder. Üçünjidenem, öýdäki oturan gelniň – meniň gyzym: «Kakamam bolsa gysganç eken, gapdalyndakylardan şuňa köpräk berse bolmaýarmy hak-heşdegi» diýip kütüwli pikir otarar. Şoň üçinem, gara zähmetiňi ýat ýerde görkez, şonda Hudaý tutan bolmasa, hojaýynyň hakyňy iýmez. Özümizden artan-süýşenjäni bolsa ejesi gyzyna berer käte». diýipdir. Muny YBadulla-ha hezil edip, gülüp gürrüň berýä weli, Gurbanmämmet pikire çümýär. Diňe eli orak ýa azal bilen gataman, akyl käsesinden damýan pähime-ölçege näme diýersiň?! Garaz, ol şu döwletmen, halal ojakdan her gezek täsinden ýakymly olýanmalar alyp gaýdýar.
Melul bolar myradyna ýetmedik,
Müýnli bolar Hak emrini tutmadyk,
Öz rysgyna hiç kanagat etmedik –
Gözün diker, kişi aşyna zar bolar.

Magtymguly bu setirleri nämeleri görüp-duýup, nirelerde, haçan ýazdyka?
Ertesi giç öýländen soň, yza – Hywa dolanyp gelýärkä ol şu pikirler bilen ädim urýardy. Aýdyşlaryna görä, Magtymguly şahyr Gurbanmämmediň dünýä inen obasynda, asyl şol kowçumdaky

obalarda kän duz iýipdir, uzyn gijeläp kitap okapdyr, ötenden-geçenden, şu günden, geljekden ýatdan çykmaz söhbetler edipdir. Asyl, atasy Çary baýam: «Hakdan içen kişi bilen köp el gysyşylandyr. Magtymguly şahyr däldir, işandyr ol» diýip gaýtalardy-da, soňam:

Ol ýigitler adam telli haýwandyr,
Söz aňmasa, hem ygrary bolmasa – diýşiniň aňyrsynda, gör, niçe many ýatyr? Heý, olçäp aňyrsyna çykar ýalymy?!» diýerdi mahal-mahal. Asyl, molla Kemine-de Hywa töwereklerini dogduk ýeri diýmese-de, mekan-mesgeni hasap edipdir. Kän-kän şygry şu toprakda dörändir diýýärler o dili hem şerebeli, hem asanly şahyryň. Aý, diýseň-diýmeseňem oň ähli goşgusy aýdym-la! Şoň bilen birlikde ylmyň düýbüne düşüberşem, dini däne-däne edip eläberşem «aperin!» diýdirýär:

Ylym bir daragtdyr, yslam – saýasy,
Ser çekmiş asmana, şahasy beýle.
Imana kuwwat biýr onuň miwesi,
Pula laýyk gelmez, bahasy beýle.

Göz ýumup-açynça haýryl-mursalin,
Magraja ýetirdi Jebraýyl emin,
Dünýä düýn at birler, asman-u-zemin,
Şemala gurulmuş, binasy beýle.

Gör-ä! Heý, manysyny tirip aňyrsyna çykar ýalymy? Bizem medrese  gapysyny açyp, niçeme sapak aldyk diýip ýörüs weli… Öz ýaşaýan hüjresine ýetip barýan Gurbanmämmet aňyrsy bir aýa ýetip-ýetmän ol ýeri terk edip gaýtjagyny häzir gümanam edenokdy.
«Şeýle-şeýle edilýämişem»  diýip, käte-käte gulagyna degse-de, Gurbanmämmet ony myş-myşdyr diýip ýördi. Häzirki gözi bilen görüp, gulagy bilen eşiden zady weli, tas onuň agzyna uçuk gaýnadypdy.
Sadulla molla aslyýetinde bir göreňde içiňe-bagryňa girip barýan, alçaksyrap derrew özüne imrindiribilýän adamdy. Ellä ser uranam bolsa, sakgalyny hynalap, murtuny gyrçap, ýylçaryp

duran gyzyl ýaňaklarynyň üstünde ýekeje gyl goýman, özem satanyndan daş asylan ýaly awşanak-awşanak ýöremäni özüne nysak bilýän kişidi. Medresä dürli ýerlerden ýygnanan oglanlaryň arasynda onuň ýörgünli lakamy «Gyzyl mollady». Dogrudanam, onuň gany ýüzüne uran ýaly ýapbaşygrak burnuna deňiç ýasy ýüzi hemişe burç çalnan ýalydy.
Gurbanmämmet aýak ýygnanansoň bir iş bilen daş çykdy-da, doňdy galyberdi. Häsiýetine görä, aýak basanda usully, ellän, açan närsesini emaý bilen, sesi çykmaz ýaly etmäge edähet eden Gurbanmämmedi gürleşip, ýok, pyşyrdaşyp duran iki adam garaňkyda görmedem, duýmadam.
– Farhat ustad, o bala tüýs goltugyňa mündürip, alma ysgadyp, mahal-mahalam syrtyna şapbatlap oturmaly, men aýtsam.
– Rast söz seňki, tüýs gyzpisint, inçebil, almagöz, ak posalajyk oglan eken öz-ä. Göremden meňem göwnüm gitdi weli, sen şeýtan öňürdipsiň-ow!
– Haňkadan özi o balaň, atasy atly gassap şo ýerde. «Sowat öwretseňiz bolýa, eti siziňki, süňki biziňki» diýip taşlap gitdi, «Körpe oglum, şundan bir gowy molla çykaryp berseňiz yrza» diýip, ep-esli engam bilen. Şo wagty aýtdym içimden: «Häý, apasy owadan, özüň hoşroý, tüýs beçebazlyk üçin ýaradylan bala ekeniň» diýip. Hih-hih…
Ýagjymak gülki Gurbanmämmediň gulagyna sapandan çykan kesek ýaly bolup degdi.

dowamy bar… Hekaýalar